# Pygamberimiz hakda dogrudyr öýdülýän 10 ýalňyşyň ýedinjisi

Category: Kitapcy,Taryhy makalalar
написано kitapcy | 22 января, 2025
Pygamberimiz hakda dogrudyr öýdülýän 10 ýalňyşyň ýedinjisi
PYGAMBERIMIZ HAKDA DOGRUDYR ÖÝDÜLÝÄN 10 ÝALŇYŞYŇ ÝEDINJISI

Ýedinjisi – Pygamberimiziň (s.a.w) 9 ýaşlyja gyzjagaza öýlenendigi baradaky orta atylýan pikir…
Bulam ýalňyş! Äşe durmuşa çykanda 19 ýa-da 21 ýaşyndady. Birnäçe ýoldan şeýle netijä gelip bilýäris. Äşäniň özünden uly dogany Esma bar. Esmanyň ýaşy çeşmelerde takyk ýazylan. Äşe ondan on ýaş kiçi. Esma hijriniň 73-nji ýylynda 100 ýaş töweregi ýaşanda aradan çykypdyr. Şeýle-de Medinä gelende ol 27 ýaşan eken. Äşe ondan on ýaş kiçi bolandygy üçin, diýmek olam 17 ýaşynda bolýar. Pygamber bilen Medinä gelenine iki ýyl geçenden soň nikalaşandygyna seretsek, ol durmuşa çykanda 19 ýaşynda bolýar. Birinjisi bu.
Ikinjisi, häzirem käbir arap taýpalarynda ýörgünli bolşy ýaly, şol wagtky araplar gyzlaryň ýaşyny aýtmazlardy, aýdaýanlarynda-da, enesinden doglan wagtyna görä däl-de, aýbaşy gelip başlan ýylyna görä aýdarlardy. Meselem, «Äşe 9 ýaşynda» diýmek, onuň aýbaşysy gelip başlanyna 9 ýyl boldy diýmekligi aňladýar.
Rowaýatda «pygamber maňa öýlenende 9-njy ýylymdadym» diýilýär. Şuňa esaslanybam «ana, görýäňizmi, dokuz ýaşymdadym diýýär, özi aýdyp dur» diýýärler.
Gardaşym, «9-njy ýylymdadym» diýýär, ýagny, aýbaşymyň gelip başlanyna dokuz ýyl boldy diýýär. Bulam 11 ýa-da 12+9 diýmek, bulam 19-20 ýaş diýmek bolýar. Şeýle-de, Äşe kakasy Hezreti Ebu Bekir (r.a) tarapyndan başga birine adaglanypdy. Pygamberimiz (s.a.w) orta çykyp, Ebu Bekirem pygamberimize eýerensoň, müşrikligi saýlan maşgala gidip duşmanlarymyza

uýdy, «onuñ gyzyny alyp bolmaz» diýip, gaýtarşyk etdi. Pygamberimiz has soñra Äşe bilen adaglandy. Nämemiş, «köçede oýnap ýörkä alyp, öýüne salanmyş»…
Pygamberi sübýançy (kämillik ýaşyna ýetmedik çaga bilen gatnaşyk saklan -t.b.) yglan edýärler! Bularyñ barsy pygamberiñ gelmegi bilen şahsy bähbitlerine, gara nebislerine palta urlan toparlaryñ toslap, ýaýradýan zatlarydyr.

Rejep IHSAN ELIAÇYK. Taryhy makalalar